**Rubrika: Küştüň taryhyndan**

**Ýuriý AWERBAH,**
**(russiýa)**

# TOSLANYLMADYK WAKALAR

## Tanamaýanym üçin...

Küşt täjiniň eýesi Aleksandr Alehin çaýhana barypdyr. Şo taýda höwesjeň küştçüler küşt oýnap oturan ekenler. Alehin olaryň oýnuny synlamaga durupdyr. Şonda höwesjeňleriň biri oňa küşt dikmegi teklip edipdir.

Dünýäniň çempiony onuň bilen razylaşypdyr. Ýöne bir şert goýupdyr, ýagny özüniň ruhuny aýryp oýnajakdygyny aýdypdyr.

— O nähili beýle? — diýip, höwesjeň küştçi çöpleri dikip durşuna ör-gökden gelipdir. — Siz meni bütinleý tanaňzok ahyry!

— Hut tanamaýanym üçinem ruhumy aýyrýan-da! — diýip, Alehin ýaňsyly ýylgyrypdyr.

## Sözünde tapyldy

Halkara küşt guramasynyň ilkinji prezidenti doktor Rýub Sýurihde Aleksandr Alehiniň aýalyna küşt dikmegi teklip edipdir. Ýöne oýun mahaly adamsy sesini çykarmaly däl diýlip öňünden şertleşipdirler. Küşt täjiniň eýesi jyňkyny çykarmajagyna söz berip, bir gyra çekilipdir.

Bir haýukdanam oýunçylaryň ýanyna dolanyp gelipdir. Şonda aýalynyň oýnunyň pese gaçanyny görüpdir. Ol çemini tapyp, küşt tagtasyndan prezidentiň ruhuny çilipdir-de, ýene-de bärden garasyny saýlapdyr.

Bäş dakykadan soň Alehin ikilenjem olaryň ýanyna öwrülip gelipdir. Aýalynyň ýagdaýy öňküdenem agyrlaşypdyr. Ol ýene ozalky endigini gaýtalapdyr.

Ýoňsuz oýlanmadan soň, birden doktor Rýub bokurdagyna sygdygyndan gygyrypdyr.

— Dat-budat! Meň iki ruhumam ýitipdir!

Elbetde, Alehine şübhe bildirilipdir. Ol welin agraslyk bilen şeýle diýipdir:

— Dadyňyza ýetişmäge hakym ýok. Sebäbi oýun mahaly geplemezlige söz beripdim...

## Utuldy

Filippin grossmeýsteri Euhenio Torre geplemezek adamlaryň hilinden eken. Günlerde bir gün amerikaly žurnalist zenan onuň bilen söhbetdeşlik geçirmäge synanyşypdyr. Ol sowalyny şeýle sözler bilen başlapdyr:

— Sizden bir soragyma iki sözden artyk jogap almagy başararyn diýip biri bilen jedel etdim.

Torre oňa şeýle jogap beripdir:

— Siz utuldyňyz.

## Çişirilen ýeňiş

1925-nji ýylda Ispaniýanyň Saragosa şäherinde ýerli küştçi Ýunkozanyň küşt tagtasyna seretmezden, birbada 33 sany höwesjeň küştçiniň garşysyna oýnandygy barada metbugat sahypalarynda habar berlipdir. Şol habarda küştçiniň 32 oýny utandygy, birinde-de utulandygy hem aýdylýar.

Hakykatdanam, Ýunkoza birbada 33 küşt tagtasynda oýnamak niýetiniň bardygy barada metbugatda bildiriş bilen çykyş edipdir. Ýöne onuň çakylygyna bary-ýogy 3 adam gelipdir. Ýunkoza iki döwi utupdyr, birinde-de utulypdyr. Beýleki 30 sany garşydaşlaryna bolsa, oýna gelmändikleri üçin olary utulan diýip yglan edipdir.

## Düýş bilen huş

Küştçüleriň biri oýun mahaly uklapdyr. Düýşünde-de gaty owadan göçümler edip, garşydaşyny utupdyr, oýny görmäge gelen tomaşaçylar çapak çalşyp, ony mübärekläpdir, kärdeşleri-de aldygyna berekellasyny ýetiripdir.

Düýşünde garşydaşynyň külüni çykaran ukudan oýanypdyr hem-de keýpi çag halda turarman bolupdyr. Şo pursadam ör-gökden gelen garşydaşynyň aýdan sözleri ony sägindiripdir:

— Jenap, göç sizden!

Ýöne küştçi hiç zady piňine alman, şeýle jogap beripdir:

— Oýun bir mahal gutardy, ony hiç hili derňemek meýlim ýok...

Şeýle diýibem temegini göge tutup, ýaryş geçirilýän ýerden çykyp gidipdir.

## Näme, sanamaýandyr öýdýäňmi?

Boris Spasskiý bilen Robert Fişeriň arasynda küşt täjini almak ugrundaky ýaryş dowam edýärdi. Bu başa-baş oýun Reýkýawik şäherinde gurnalypdy. On sekizinji döw oýnalýardy. Birden Fişer küşt tagtasyndan nazaryny sowup, bokurdagyna bat berip gygyrypdyr:

— On ikinji hatardaky gyzjagaz, häziriň özünde süýji sormaňy bes et!

— Bu meň bary-ýogy üçünji süýjim-ä! — diýip, sekiz ýaşly Astrid Býerndottir garşylyk görkezipdir.

— Üçünji bolaýşyny şoň, ýedinjisini sorup otyrsyň! — diýip, Fişer onuň sözüni bölüpdir. — Häý, kiçijik ýalançy, näme, men sanamaýandyr öýdýäňmi?

## Aýlanaýyn, könäm senden

Sankt-Peterburgda küşt ýaryşy geçirilipdir. Şonda grossmeýster Rubinşteýne myhmanhanadan gaty oňat otag düşüpdir. Ýöne ýaryşyň iki tapgyry geçenden soň, ol muňa nägilelik bildiripdir: liftiň şakyrdysy dynç almaga päsgel beripdir. Ýaryşy gurnaýjylaryň biri ony öz öýünde ýaşamagy teklip edip, doly rahatlygy kepil geçipdir.

Rubinşteýn razylaşypdyr. Ýöne ertesi güni indi özüni gonamçylykdaky ýaly asudalyk kejikdirýänini aýdyp, «Aýlanaýyn könäm senden» diýlişi ýaly, ýene öňki ýerine — şakyrdyly liftli myhmanhanasyndaky otagyna dolanypdyr.

## Gören ýeriňe burnuňy soksaň...

Belli küşt psihology Blýumenfeld oýun mahaly öz pikirlerini depderjige belleşdirme endigi bar eken. Onuň garşydaşlarynyň biri kanagat edip bilmän, zol-zol onuň depderjigine seredipdir. Şonda Blýumenfeld garşydaşynyň «gowşak damaryndan» peýdalanmagyň kararyna gelipdir. Köpi gören psiholog öz depderjigine şeýle bellik edipdir: «Garşydaşymyň pilini pida bererinden gorkýan!». Şundan soňam küşt tagtasynyň başyndan turupdyr.

Garşydaşy hiç bir pikirlenmezden, pilini mugt berip goýberipdir. Blýumenfeld küşt stolunyň başyna gelipdir hem-de heşelle kakyp duran garşydaşynyň gözüniň alnynda depderjigine täze ýazgy girizipdir: «Nahak ýere howatyrlanypdyryn. Pili pida bereniňden soň oýun gutarýar». Şundan soňam garşydaşynyň mugt duran pilini alyp goýberipdir.

Soňky ýazgyny okan garşydaşy hiç bir buýtar-suýtarsyz, haýal etmän, utulanyny boýun alypdyr.

## Küşte düşünmeseň...

1993-nji ýylda Orsýediň çagalaryndan düzülen küşt topary öz deň-duşlary bilen ýaryşmak üçin Malta gidipdir. Ýaryşy açmak üçin Orsýediň Maltadaky ilçisi gelipdir. Ol birinji küşt tagtasynda çykyş edýän 12 ýaşly Saşa Pirožkowa derek birinji göçüm etmegiň kararyna gelip, gyraky pyýadany iki göç öňe sürüpdir. Beýle göçümi hatda öwrenje küştçülerem etmänsoň, Saşa ör-gökden gelipdir:

— Nirä göçýäňiz, näme siz akylyňyzdan azaşdyňyzmy?

Ilçi muňa tas diňarkan gaýdan eken:

— Eý, oglanjyk, agzyňa alýan sözüň nähili? Meň bilen ýurduň iň ýokary derejedäki adamy-da şeýle gürleşenok ahyry!

— Düşüniň-ä, ýöne men beýle oýnamog-a! Men hemişe patyşaň öňündäki pyýadany göçýän — diýip, Saşa öýkeli gürläpdir.

Şu wakadan soň küşte gezek gelende elipden şermende ilçi dagy-duwara şeýle ýaryşlaryň gyrasyndan görünmändir.

## Halasgär — küşt kitaby

Küştüň taryhy boýunça kitabyň awtory iňlis Merreý duýdansyz ýerden minnetdarlyk hatyny alypdyr. Ony Nýu-Jersili (ABŞ) poliseý iberipdir. Ol hatynda şeýle habar berýär: «Niýeti ýamanlar bilen bolan tutluşykda näkesleriň biriniň meni nazarlap atan güllesi possunymyň jübüsindäki küti kitabyňyza degip, onuň iň soňky babynda çümüp galdy».

## Gatynam açmajak bolsaň...

Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynyň ahyrynda Nýu-Ýorkda 28 ýaşly Jozef Feldman kazyýetiň öňünde kellesini ýalaňaçlapdyr. Oňa her dürli kitaphanalardan 850 sany küşt baradaky kitaby ogurlamakda günä ýöňkelipdir.

— Men size eglişik edip bilerdim... — diýip, kazy sözüniň üstüni ýetiripdir. — Hawa, eger siz öz öňüňizde Amerika üçin küşt täjini almagy maksat edip goýanlygyňyzda. Şonda, gürrüňsiz, günäňizi ýeňlederdim. Ýöne, şaýatlaň tassyklamagyna görä, siz hatda ogurlan kitaplaňňyzyň gatynam açmansyňyz.

## Entek başyňyz ýaş

Geçen asyryň başynda Peterburgda küşt ýaryşy geçirilipdir. Şonda iki sany ýaşuly küştçi hem özara duşuşypdyr. 72 ýaşly Blekbern 60 ýaşly Gunsbergi derbi-dagyn edipdir. Oýunda ýeňen ýeňlene gara çyny bilen şeýle diýipdir:

— Meň bilen darkaş gurmaga siziň entek başyňyz ýaş.

## Bäý, ýaňra ekeniňiz!

Boleslawskiý öte dymma adam bolupdyr.

Küşt täjini almak ugrundaky dalaşgärleriň ýaryşynda ol öz tälimçisi ussat Sokolskiý bilen nobatdaky döwüň öň ýanynda Budapeştiň köçelerinde ýoňsuz wagtlap gezelenç edipdir. Şonça döwrüň dowamynda ol agzyndan ýeke sözem gaçyrmandyr. Muňa halys sabyr käsesi dolan tälimçi çydaman, şeýle diýipdir:

— Isaak Ýefremowiç, howa-ha gaty gowy, dogry dälmi näme?

— Alekseý Pawlowiç, siz ýaman lakgy adam ekeniňiz! — diýip, ol jogap beripdir.

## Köwek

Ýigriminji asyryň başlarynda Malli diýen bir kimse Manhetteniň küşt klubuna sypdyrman gatnaýan eken. Ol näçe gatnasa-da, hiç kimi utup bilmeýärdi. Özüne göwni ýetýän güýçli küştçüler henek etmek maksady bilen nobatdaky ýaryşda ähli oýunda ondan utulypdyrlar. Täze çempion özüniň oýnalandygyna düşünmän, hemme kişi bilen hondanbärsisiräp, gomparyp gürläp başlapdyr. Oýunbazlar öz synaglaryny ýene iki sapar gaýtalapdyrlar. Manhetten klubunyň üç gezek çempiony bolandan soň, ol özüniň küşt täjini almak ugrunda göreşmek niýetiniň bardygyny mälim edipdir. Malli birbada Alehine, Kapablanka, Laskere çakylyk iberipdir. Elbetde, Malli olardan

ýekeje-de jogap almandyr. Şundan soň ony klubda gören bolmandyr. Çaky bärde Malli üçin mynasyp garşydaş tapylmandyr.

### Pyýada diýeniň pil bolup çykýa

Meşhur argentinaly küştçi M. Naýdorf Beýik Britaniýada mydama şowsuz oýnaýardy.

— Aý, o taýy mydama ümür — diýip, grossmeýster ýarym ýaňsy bilen özüni aklaýardy. — Küştüň çöplerini biri-birinden aýyl-saýyl eder ýaly däl. Aram-aram pyýadaňy mugt berýämikäň öýdýäň welin, pyýada diýeniň pil bolup çykaýýa!

### Açar günäkär

Küştüň başky göçümlerinde ýyllaryň dowamynda ölçerip-dökülen debýutlar — ýollar bolýar. Şeýle ýollar ulanylanynda gaty çalt göçülýär. Diňe ýollaryň birtopar ugurlary peýda bolandan soň oýlanylyp başlanýar. Tanymal ussatlaryň biri-de şeýle debýutlary oýnap durşuna her göçüminde gaty uzak oýlanypdyr. Döw tamamlanandan soň, garşydaşy ondan şeýle diýip sorapdyr:

— Oýnuň başynda nämäň pikirini etdiňiz? Siz bu debýutyň tärlerini gaty gowy bilýäňiz ahyry?

— Öýümiziň açaryny ýitirdim, nirede, nähili ýagdaýda ýitirenimi ýadyma saljak bolup, kellä agram baryny saldym-da.

### At göçümini öwretmändirler

Dünýä täjiniň eýesi Hose Raul Kapablanka birbada birtopar höwesjeň küştçiniň garşysyna oýnapdyr. Onuň garşydaşlarynyň biri gaty çalt utulanyndan soň dünýäniň çempionyndan özüniň oýnuna baha bermegini haýyş edipdir.

— Siziň oýnuňyz, umuman, hiç kimiňkä meňzemeýä — diýip, Kapablanka özüne mahsus sypaýyçylyk bilen jogap beripdir. — Ýöne näme üçin siz atlaňyzy oýna çykarmadyňyz?

— Bar gep küştüň göçümleriniň maňa düýn öwredilenliginde — diýip, garşydaşy oňa düşündiripdir. — Ýeser ýeri, atyň nähili göçülýändigini öwretmegi unudypdyrlar.

### Näme üçin men däl?

Dramaturg Leonid Zorin Edebiýatçylaryň merkezi öýüniň küşt boýunça çempionydy. Ol öz dosty grossmeýster Mark Taýmanow bilen Karpowdyr Kasparow ikisiniň (küşt täjini almak ugrundaky ýaryş) arasyndaky oýny synlap duran eken. Ýaryşyň gidişini görkezýän ullakan tagta seredip durşuna Zorin şeýle diýipdir:

— Meň pikirimçe-hä Karpow atyň öňündäki pyýadany öňe sürmekçi bolýa.

Beýle göçüm hiç kimiň küýünde-de ýokdy. Mark Ýewgenýewiçem nebsagyryjylyk bilen ýylgyrypdyr.

— Beýle göçüm edilmez, asla hiç haçanam göçülmez!

Şundan sähel salym geçip-geçmänkä-de küşt täjiniň eýesi A. Karpow atyň öňündäki pyýadany bir öýjük öňe sürüpdir.

Grossmeýster Taýmanow muňa ýaňsyly ýylgyraýypdyr:

— Meň dünýäň çempiony bolmaýanymam şoň üçin-dä.

— Wah, o düşnükli-le — diýip, Zorin onuň bilen ylalaşypdyr. — Ýöne näme üçin dünýäň çempiony men däl?

## Utulmak agyr degdi

Özüniň geň hereketleri bilen tanalýan grossmeýster Semýon Dwoýris günlerde bir gün «Kreml ýyldyzlary» ady bilen geçirilen küşt ýaryşynda-da «ýakasyny tanadypdyr». Aýgytlaýjy döwde utulandan soň, ol teý özüni ele alyp bilmändir. Dwoýris ilki ýazuw depderçesini jübüsine salypdyr, soňam yzly-yzyna küşt çöplerini jübüsine dykyp ugrapdyr. Diňe jübülerine pyýada mallary sygman ugransoň, pişesini goýbolsun edipdir.

## Iki pil güýçlümi, iki at?

Geçen asyrda SSSR bilen ABŞ-nyň ýygyndy toparlarynyň arasynda radio arkaly ýaryş geçirilipdir. Şonda grossmeýster Dawid Bronşteýn amerikaly ussat Santasýeri iki döwde-de ýeňlişe sezewar edipdir. Amerikaly küştçi ýeňijä şeýle mazmundaky tiz habar ýollapdyr: «Siz iki döwde-de iki piliň iki atdan artykmaç taraplaryny subut etdiňiz». Bronşteýn eglenmezden şeýle jogap iberipdir: «Indiki oýunda iki atyň iki pilden rüstem gelýändigini-de, edil şonuň ýaly derejede subut etmäge çalşaryn».

## Kime meňzeş?

Sankt-Peterburgly şahyr Semýon Botwinnik ýaş wagtlary belli küştçi Wiktor Korçnoýa gaty meňzeş eken. Küşt söýüjileri ony gören mahallary hökman:

— Ýaş ýigit, siz hernä Korçnoý-a dälsiňiz-dä? — diýip, soraýan ekenler.

— Ýok, siz ýalňyşdyňyz, men — Botwinnik — diýip, Botwinnik öýkeli jogap beripdir. (Küşt söýüjileriň ýaşuly nesli Mihail Botwinnik atly meşhur küştçini — dünýä täjiniň eýesini tanaýan bolsalar gerek).

## Hernä bagty getiripdir

Aýallaryň arasynda geçirilýän küşt ýaryşynyň ýeňijisi — dünýä täjiniň eýesi Wera Mençik erkekleriň arasynda geçirilýän ýaryşlara-da ýygy-ýygydan gatnaşypdyr. 1929-njy ýylda Karlsbaddaky erkekleriň arasyndaky geçiriljek ýaryşa W. Mençigem gatnaşmaga isleg bildiripdir. Şonda awstriýaly ussat G. Kmoh şeýle diýipdir: «Bardy-geldi Mençik üçden artyk utuk gazanaýsa, onda men zenanlaň baletine girerin». Hernä Kmohuň bagty getiripdir. Mençik laýyk 3 utuk gazanypdyr.

## Gury haýbat boldy

Küşt täjiniň eýesi, amerikaly grossmeýster Robert Fişer Kolorado ştatynyň Denwer şäherindäki tussaghanada birbada birnäçe tagtada küşt oýnuny geçiripdir. Ol küşt tagtalarynyň eýesiniň ýanyna baranynda, garşydaşynyň ak ruhy ogurlandygyna göz ýetiripdir.

— Häziriň özünde ruhumy ýerinde goýuň! — diýip, Fişer haýbat atypdyr. — Ýogsa-da, ýolbaşçylaňňyza duýduraryn, ana, şonda olaram gözboýagçylygyňyz üçin siziň tussaglyk möhletiňizi artdyrarlar!

— Nähak ýere haýbat atýaňyz — diýip, garşydaşy kesgin jogap beripdir. — Men, onsuzam, ömürlik tussaga höküm edilen...

## Oýun edipdim

Buenos-Aýresde geçirilen ýaryşda argentinaly grossmeýster M. Naýdorf her gün bir penjek-balak geýýän eken.

— Siziň näçe penjek-balagyňyz bar? — diýip, ýaşajyk Fişer ondan sorapdyr.

— Ýüz elli — diýip, meşhur grossmeýster keýpihon jogap beripdir.

Fişer muňa haýran galypdyr. Ol şundan soň penjek-balak ýygnap başlapdyr. Şu wakanyň üstünden birnäçe ýyl geçipdir. Naýdorf bilen Fişer ýene gabatlaşypdyr. Şonda Fişer magtanypdyr:

— Sizden öňe geçendirin! Meň indi ýüz elli ýedi penjek-balagym bar!

— Berekella, Bobbi! — diýip, Naýdorf ony gutlapdyr. — Ýöne siz çakdanaşa arrygyňyzy gynapsyňyz. Şo sapar men oýun edipdim. Meň bary-ýogy on bäş sany penjek-balagym bar...

## Petrosýan diňe çöplerini çalşyp bilýär

Küşt täjiniň eýesi Tigran Petrosýanyň keýwanysy hojalykçy, telekeçi zenandy. Grossmeýster diňe küşti bilýärdi. Öýüň galan keşigini aýaly çekýärdi.

Grossmeýster Şamkowiç Petrosýanyň çaklaňja iki otagly öýüne ýygy-ýygydan myhmançylyga barýardy. Petrosýan öýlenenden bir ýyl soň ol onuň täze öýüne-de görme-görşe barypdyr. Şonda ol Petrosýanyň birgiden giň otagly kaşaň öýüni görüp, haýran galypdyr. Şamkowiç küştçi Kotowdan şeýle diýip sorapdyr:

— Petrosýan özüniň horaşaja külbesini şeýle zynatly öýe nädip çalşyp bildikä?

Kotow oňa şeýle jogap beripdir:

— Petrosýan diňe pillerini atlara çalyşmagy başarýa. Galan zatlaň barysyny bolsa, aýaly çalyşýa.

## Hormata jogap

Dramaturg Bernard Şou günlerde bir gün restorana barypdyr.

— Siziň hormatyňyza näme oýnamaly? — diýip, orkestriň dirižýory ondan sorapdyr.

Sazyň sesi ýazyja ýanyndaky kärdeşi bilen gürleşmäge päsgel berensoň, ol özüniň kiçijik haýyşyny şeýle beýan edipdir:

— Eger-de siz bir döw küşt oýnasaňyz, men köp minnetdar bordum.

## «Damýanowiç siziň kärdeşiňiz!»

Eduard Gufeld grossmeýster derejesini eýelemegi başarandan soň, Wiktor Korçnoýyň ýanynda magtanypdyr:

— Wiktor, meni gutlap bilersiňiz, indi ikimiz kärdeş!

— Damýanowiç siziň kärdeşiňiz! — diýip, Korçnoý çürt-kesik jogap beripdir.

Damýanowiç juda gowşak grossmeýster eken. Korçnoýam bu gürrüňini şoňa kakdyryp aýdypdyr.

Iki aý geçenden soň Amsterdamda halkara küşt ýaryşy gurnalypdyr. Şoňa Korçnoýam gatnaşypdyr hem-de diňe ýekeje oýnuny utdurypdyr. Olam kimdir öýdýärsiňiz? Hiç kimiň göwni ýetmän ýören Damýanowiçi.

Gufeld haýdan-haý aragatnaşyk bölümine barypdyr hem-de Korçnoýa tiz habar ugradypdyr. Onda bary-ýogy üç söz bardy: «Damýanowiç siziň kärdeşiňiz!».

(Wakanyň soňky bölegini Gufeldiň özi toslap tapypdyr diýibem gürrüň edýärler).

## Küştdäki ýatkeşlik, durmuşdaky huşsuzlyk

Rihard Reti küşt tagtalaryna seretmezden, birbada 30 sany garşydaşy bilen ýaryşypdyr. Ussat küştçi tas ähli garşydaşyny diýen ýaly utupdyr. Küşt ýaryşyndan soň Reti öýüne gaýdanda sanajyny ýatdan çykarypdyr.

Oňa sanajyny gaýdyp berenlerinde Reti köp sag bolsun aýdyp, şeýle diýipdir:

— Halys huşum gutarypdyr, hiç goýanymy-göterenimi bilemok-da!

Dogrudanam, ynanar ýaly däl. 30 sany garşydaş bilen küşt tagtasyna seretmezden, ýatdan göçüp bilýän ussadyň durmuşdaky huşsuzlygyna haýran galaýmaly!

## Zady bar-da, özi ýok

Reti saýawanlaryny, başgaplaryny, sanaçlaryny yzygiderli unudardy. Şu babatda degişmäni gowy görýän küştçi Saweliý Tartakower şeýle ötgür söz düzümini döredipdir: «Retiniň sanajynyň ýatan ýerinde onuň aýaktozundanam nam-nyşan galan däldir».

## Ganda derek pyýada

Günlerde bir gün küşt täjiniň eýesi Aleksandr Alehin kofeli pyýalasyna ganda derek küştüň pyýadasyny oklapdyr. Aldygyna çemçesini bulasa-da, «gandyň» wagty bilen eremeýänine ör-gökden gelipdir.

## Geplemejek bolsaň...

Paul Keres Pragada geçirilen küşt ýaryşynda ýeňiji bolupdyr. Ony gepletjek bolupdyrlar. Ýöne hernäçe çytraşsalar-da, yryp bilmändirler. Geljekki grossmeýster ýaş mahaly hasam dymma bolupdyr. Kimdir birem oňa şeýle diýipdir: «Paul, eger söz sözlemäni halamaýan bolsaňyz, onda birinji orny eýelemäň!».

## Tersine bolup çykdy

Küşt täjiniň eýesi Wilgelm Steýnis Londondaky «Gambit» atly küşt kafesinde gazanç edipdir. Onuň garşydaşlarynyň arasynda bir barjamly adam hem bar eken. Steýnis ony hemişe utupdyr. Kimdir biri dünýäniň çempionyna eger ony aldygyna utuberse, baý müşderisiz galmagyňyz mümkin diýip duýdurypdyr.

Steýnis beýle delil bilen ylalaşypdyr hem-de döwleriň birinde perzisini atdanlykda mugt beren bolup, utulandygyny boýun alypdyr. Ýöne nobatdaky döw oýnalmandyr. Barjamly müşderi bokurdagyna sygdygyndan: «Men dünýäň çempionyny ýeňdim!» diýip zowladypdyr. Şeýle sözler bilenem ol «Gambiti» hemişelik terk edipdir.

## Haýsy dilde oýlanýar

Aleksandr Alehin iňlis, fransuz, nemes, ispan dillerinde suwara gürläpdir. Ondan küşt oýnan mahaly göçümleri haýsy dilde oýlanýanyny soranlarynda, ol gülümsiräp, şeýle diýipdir: «Eger küşt oýnap, arasynda pikirlenýän bolsam, onda rusça oýlanýan».

## Gözellik üstün çykdy

1925-nji ýylda Kapablanka birbada otuz sany küşt tagtasynda oýun geçiripdir. Küşt tagtalarynyň birinde onuň garşysyna ýaşajyk Walentina Tokarskaýa-da oýnapdyr. Soňra bu gyz Satira teatrynyň meşhur aktrisalarynyň biri bolup ýetişipdir. Ol pionerler köşgüniň çempiony eken, ynha, indem küşt täjiniň eýesiniň garşysyna güýjüni synamak isläpdir. Ýöne şeýtmek oňa başartmandyr. Gyzjagaz ellerini sandyrakladyp, birinji göçümini edipdir. Enaýyja gyzjagazyň gözelligine maýyl bolan Kapablanka ondan gözüni aýyrman durşuna, öz patyşasyny ýykypdyr-da, şeýle diýip pyşyrdapdyr: «Utuldym». Ol beýleki döwleriň ählisinde ýeňiş gazanypdyr.

## Peýdaly maslahat

Belli grossmeýsterleriň biri Mihail Tala şeýle diýipdir:

— Mişa, şu gün men telewideniýede çykyş edýän. Tomaşaçylara näme aýtsamkam?

— Olara peýdaly maslahat ber: goý, radio diňlesinler, ertir şo taýda men çykyş edýän!

## Bir dakyka öňde

Grossmeýster Şamkowiç Amerikada Fişer bilen duşuşypdyr hem-de oňa gyzykly küşt meselesini görkezipdir. Onda at pyýadanyň garşysyna göreşýär. At pyýadany ýeňmek üçin duýdansyz başga tarapa öwrüm etmeli. Şu küşt meselesini hiç bir grossmeýster çözüp bilmändir. Ýöne Fişer bary-ýogy üç dakykanyň içinde dogry göçüm ýollaryny tapmagy başarypdyr. Şu ýerde-de Şamkowiç Fişeriň ussadyň aňrybaşydygyna göz ýetiripdir.

Birneme soňrak ol bu küşt meselesini Garri Kasparowa-da görkezipdir. Garri atyň göçüm ýollaryny iki dakykanyň dowamynda tapypdyr.

Şamkowiç Kasparowyň Fişerden bir dakyka artyk ussatdygyna göz ýetiripdir.

## Bir göç öň ýatyrdy

Aleksandr Alehin Argentinada birbada ençeme küşt tagtasynda oýun geçiripdir. Birden oýna gatnaşýanlaryň biri heşelle kakyp gygyrypdyr:

— Grossmeýster, sizi üç göçden soň ýatyrýan!

— Berekella, gutlaýan — diýip, Alehin jogap beripdir. — Jenap, ýöne Allaň hatyrasyna, beýle darygybermäň: öňürti men sizi iki göçde ýatyrýan!

## Perzi oýna päsgel berýär

Emmanuel Lasker otluda barýan eken. Onuň ýanyna düşenem küşt söýüjileriň biri bolup çykypdyr. Ol Laskere bir döw küşt dikmegi teklip edipdir. Ýöne Lasker oňa küştüň düzgünlerini onçakly gowy bilemok diýip jogap beripdir. Ýöne şonda-da höwesjeň küştçi onuň ýakasyny goýbermändir. Ol perzisini aýryp oýnajakdygyny aýdypdyr. Ondan bahymrak dynmak üçin Lasker derrew utulan bolupdyr. Ýöne ýolagçy şunuň bilenem kanagatlanman, ýene küşt çöplerini dikişdirmäge başlapdyr. Şundan soň Lasker ýüregedüşdi ýolagça göz görkezmegiň kararyna gelipdir.

— Oýnuň düzgünlerine ganymadrak düşünip ugradym — diýip, ol çynaberimsiz gürläpdir. — Şonuň üçin indi menem perzimi aýryp oýnajak.

Ýolagçy muňa uzak wagtlap gülüpdir, ýöne oýny utduranyndan soň, haýran galmakdan ýaňa äm-säm ýagdaýda gözlerini petredip galypdyr. Indi perzisiz oýnamak ýolagçynyňkydy. Laskerem ýene utulan bolupdyr. Artykmaç perzili oýnan ýolagçy bolsa, ýene gaty çalt ýatypdyr. Ol näme-nämeleriň bolýanyna düşünmän geçäýipdir. Birnäçe wagt geçenden soň ýolagçynyň ugry gaçypdyr, has dogrusy, kellesi üýtgäpdir. Onsoň, nobatdaky menzilde ony lukmanlar zemmere mündürip alyp gidipdirler.

## Menem gurjak-gurjak oýnapdym

Wilgelm Steýnis otly bilen gidip barýardy. Onuň gapdalyna dokuz ýaşly gyzjagazam düşüpdir. Ol kakasy bilen bile barýan eken.

Gürrüňçilik açylandan soň, gyzjagazyň kakasy Steýnisden şeýle diýip sorapdyr:

— Ýogsa-da, siz näme pişe edýäňiz?

— Aý, küşt oýnan bolýan — diýip, küşt täjiniň eýesi gönüsinden gelipdir.

— Bä, muň gyzyklydygyny! — diýip, gyzjagazam gozganjyrapdyr. — Menem kiçijikkäm gurjak-gurjak oýnaýadym.

## Uklap galdy

1900-nji ýylda Wengriýanyň toparlaýyn küşt ýaryşynda görlüp-eşidilmedik ýagdaý ýüz berdi. Ussat Karol Şterk hüjüm yzyna hüjüm edip, garşydaşynyň göçümine garaşa-garaşa uklap galypdyr. Ol düýşünde howp-hatary güýçlendirip, oýny ýatuw göçümi bilen tamamlapdyr. Ýoldaşlary ýeňiş bilen gutlap duran mahallary emin Şterki oýarypdyr hem-de oýna berlen wagt möhletini geçirendigini, şunlukda-da utulandygyny habar beripdir.

## Petrosýan aňkarylyp galdy

Küşt täjiniň eýesi Robert Fişer şeýle gürrüň berýär:

«1970-nji ýylda men Bled şäherinde küşti çalt oýnamak boýunça geçirilen halkara ýaryşyna gatnaşdym. Tigran Petrosýan bilen oýnan döwümizde patyşa küşt berlen mahaly biz birek-birege «küşt» diýişýärdik. Ol rusçalap «küşt» diýýärdi, men bolsa — iňlisçe. Ikimiziňem oýna berlen wagtymyz gutaraňkyrlaberende men oslagsyz ýagdaýda rusçalap: «Grossmeýster, size küşt!» diýdim. Petrosýan şeýlebir geň galdy welin, belli bir döwrüň dowamynda gutaryp barýan wagtyny-da unutdy. Şunlukda, onuň sagadyndaky wagty görkezýän baýdajygy ýykyldy hem-de ol utulanyny boýun aldy».

## Gelşikli durdy

Ýaryşda ýap-ýaňy utulanlaryň birine Aleksandr Alehin şeýle diýipdir: «Näme üçin küştüň çöplerini eýläk-beýläk sürdüňiz. Olar başda has gelşikli durdy...».

## Pikirini üýtgetmeýän borly

Mihail Botwinnikden şeýle diýip sorapdyrlar: «Siz haçanam bolsa, bir mahal öz pikiriňizi üýtgedýäňizmi?» Botwinnik şeýle jogap beripdir: «Eger diňe şeýle netijä gelmedik ýagdaýymda».

## Kim kime garaşypdyr?

Blýumenfeld K. diýen küştçiniň garşysyna oýnapdyr. Kyrkynjy göçüme çenli küşt tagtasynda şeýle ýagdaý döräpdir: soňky göçümi bilen Blýumenfeld garşydaşynyň şasyny ýatyryp bilýän eken. Emma ol hiç hili göçüm etmän ýöne otyrdy. Özem agyr oýa çümüp, göçeýinem diýenokdy. Onuň on dakyka wagty galypdy. Garşydaşy utulanyna kaýyl halda boýnuny burup durdy. Ýöne bäş, ýedi... dokuz... dakyka geçdi, sagat şol jykgyldap durdy, Blýumenfeld welin henizem göçenokdy. Onuň sagadyndaky baýdajyk ýykylaýyn-ýykylaýynyň üstündedi. Garşydaşynda inçejik umyt döräpdir: birden ussat ýatuw göçümini görmän, wagt möhletini geçiräýse! Sagadyndaky baýdajygyň ýykylmagyna birnäçe sekunt galanda Blýumenfeld çakganlyk bilen elini göterip, garşydaşyny ýatyrypdyr.

— Näme üçin beýle köp oýlandyňyz? — diýip, halys kejebesi daralan garşydaşy gygyryp gürläpdir. — Eýsem, ýatuw göçümini görmediňizmi?

— Ýatuw göçümini gördüm-le — diýip, Blýumenfeld jogap beripdir. — Ýöne men siziň utulanyňyzy boýun almaýanyňyza hiç düşünip bilmedim.

**Ikiden biri eýgertmedi**

Ýurtda birinjiligi almak ugrundaky ýarym final ýaryşlaryň birinde ussat Weresow oýna berlen wagtyny ýitirip, utulmaly bolupdyr. Oýun tamamlanandan soň ol hem üç göçümden, hem bäş göçümden ýatyryp bilýändigini garşydaşyna görkezmäge durupdyr.

— Onda näme üçin meň patyşamy ýatyrmadyňyz? Wagtyňyzy nämä ýitirdiňiz? — diýip, garşydaşy geň galyp sorapdyr.

— Üç göçümden ýatyryşym owadan bolýamy ýa-da bäş göçümden ýatyryşym owadan bolýa — ana, şolaň birinden-birini saýlap bilmedim.

**Göreşde ataňam bolsa sylama!**

Awstraliýanyň birinjiligini almak ugrundaky ýaryşda iki sany Purdi çykyş edýärdi. Ataly-ogluň ady Sessil hem-de Jondy. Sessiliň — kakasynyň ýurduň çempiony bolmaga ähli mümkinçilikleri bardy. Munuň üçin diňe iň soňky tapgyrdaky oýny utaýmak galypdy. Bije boýunça-da ahyrky döwi ogly bilen oýnamalydy. Ýöne kakasy oglundan utulyp, birinji orny elden gideripdir. Ol oglunyň elini gysypdyr, maňlaýyna inen der damjalaryny sylybam, stoluň başyndan turup, gygyryp gürläpdir:

— Ine, çagalaňňa küşt oýnamany öwretseň, bolaýjagyňam şudur!

**Aklar — Duz, garalar — Duz däl**

Ýaşuly rus küştçüsi Duz-Hotimirskiý ýaryşlaryň birinde Bonç-Osmolowskiý diýen ýaş küştçi bilen duşuşypdyr. Olar küşt tagtasynyň başyna geçenlerinde Duz-Hotimirskiý ondan adyny sorapdyr. Olam jogap beripdir.

— Näme diýdiňiz, näme diýdiňiz? — diýip, Duz-Hotimirskiý ikilenjem sorapdyr.

Garşydaşy adyny gaýtalapdyr, ýöne ýaşuly küştçi ýene düşünmändir. Ol üçünji gezek sorap durmasyny gelşiksiz hasaplapdyr. Onsoň, doldurylmaga degişli kagyzyň ýüzüne şeýle diýip ýazypdyr: «Ak mallar — Duz, gara mallar — Duz däl».

## Kelleler işleýän mahaly aýaklar näme edýär?

1953-nji ýylda Sýurihde küşt täjini almak ugrundaky dalaşgärleriň ýaryşy geçirilipdir. Nobatdaky tapgyrlaryň birinde ýaryş geçirilýän sahnada suratçy peýda bolupdyr. Onuň özüni alyp barşy tapgyryň oýnuna gatnaşýanlary geň galdyrypdyr. Ol eli surat alynýanly ýerde ýatyp, küşt kürsüleriniň aşagyna çenli girýärdi. Aldygyna-da surata düşürýärdi. Bir hepde geçenden soň bolsa, şweýsar žurnallarynyň birinde «Kelleler işleýän mahaly aýaklar näme işleýär?» ady bilen suratly ýazgy peýda bolupdyr.

## Köwşüň nepi degdi

1962-nji ýylda küşt täjini almak ugrunda dalaşgärleriň arasynda ýaryş geçirildi. Ýaryş üýtgeşik ýerde gurnalypdy. Willistad şäheri Karib deňzindäki Kýurasao adasynda ýerleşýärdi. Bärik jahankeşdeler ýygy-ýygydan gelýärdi. Şonuň üçinem şäherde dükan köki bardy.

Küşt ýaryşy mahaly aýakgap satylýan dükanlaryň birinde şeýle mahabat peýda boldy: «Küştçüler, dykgat ediň! Siz diňe biziň dükanymyzdan satyn alan köwşüňiz bilen iň oňat göçüm edip bilersiňiz!».

Tigran Petrosýan gelşikli aýakgaplaryň hyrydary bolansoň, bu dükandan köwüş satyn alypdyr hem-de hakykatdanam, ýaryşyň ýeňijisi bolupdyr.

## Öz-özüne meňzeş

1961-nji ýylda Baku şäherinde SSSR-de birinjiligi almak ugrundaky küşt ýaryşy geçirildi. Küşt täjiniň eýesi Mihail Tal her döwüň öňüsyrasynda kenar ýakasynda gezelenç edýärdi. Şeýle gezelençleriň birinde ötegçileriň biri oňa ýüzlenip, şeýle diýipdir:

— Ýagşy ýigit, özüňiziň Mihail Tala juda meňzeşdigiňizi bilýäňizmi? Dogry, grossmeýster has agramlyrak, epeýräk görünýä.

— Hawa, bilýän — diýip, Tal ýylgyryp jogap beripdir. — Maňa Tal diýýänler başga-da köp!

## Utjagy aýdymyndan belli

Dünýä täjiniň eýesi Wasiliý Smyslow aýdym aýtmaga gaty ökdedi. Ýöne birneme irräk döwürde onuň aýdyma bolan zehininden köpler bihabardy. Günlerde bir gün ol German Pilnik bilen bir ýaryşda çykyş edipdir. Ýaryşa gatnaşyjylaryň barysy bir myhmanhanada bolýardy. Pilnik birinji günüň säheri ýakymly aýdym sesine oýanypdyr. Aýdym aýdýan Smyslowdy. Şeýle ýagdaý her gün gaýtalanýardy,

diňe aýdymlaryň görnüşi az-owlak üýtgeýärdi. Käwagt «Neron» operasyndan gutlag aýdymy ýaňlansa, ýene bir gezek «Aleko» operasyndan Alekonyň aýdymy ýerine ýetirilýärdi.

— Men şonda bir zada göz ýetirdim — diýip, Pilnik soňra gürrüň beripdir. — Bardy-geldi Smyslow düýn utan bolsa, onda ol irden gutlag aýdymyny ýerine ýetirýädi, eger deň oýnasa, onda Alekoň nalyşly sesi eşidilýädi.

Nobatdaky oýunlaryň birinde Smyslow angliýaly Garri Golombek bilen duşuşypdyr. Oýun utluşylman galypdyr. Ony ertesi güni dowam etdirmelidi. Pilnik şu oýundaky ýagdaýa nähili baha berýänini Golombekden sorapdyr.

— Deňme-deň bolar diýip pikir edýän — diýip, Golombek jogap beripdir.

— Ýalňyşýaňyz, Garri — diýip, Pilnik oňa düşündiripdir. — Smyslow şu gün irden gutlag aýdymyny aýtdy.

Oýun dowam etdirilenden soň, Pilnigiň aýdany dogry bolup çykypdyr.

## Atdaş bolany üçin

Günlerde bir gün ulagyny çakdanaşa gaty sürenligi üçin ýol gözegçisi grossmeýster Kotowy saklapdyr. Onuň sürüjilik şahadatnamasyny okap gören ýol gözegçisi geň galyp, sowal beripdir:

— Siz Kotowmy?

— Hawa, Kotow, näme, sizem küşt oýnaýaňyzmy?

— Bärde küştüň näme dahyly bar? — diýip, ýol gözegçisi sözüniň üstüni ýetiripdir. — Meňem familiýam Kotow bolany üçin soraýan.

Şeýle diýibem, grossmeýstere jerime salman goýberipdir.

## Bir wakanyň iki teswiri

Kotow bilen Gollandiýada-da şuňa meňzeş waka bolup geçipdir. Ony, ynha, onuň özi şeýle gürrüň beripdi:

— Ýurtdan gaýdyşynym meni Maks Eýwe öz ulagy bilen howa menziline alyp gitdi. Howa menzilinde ulagy gadagan edilen ýerde sakladyk. Munuň üçin bize jerime saljak boldular. Men şonda ulagdan düşdüm-de, ýol gözegçileriniň birine ýüzlenip, şeýle diýdim: «Siz munuň küşt täjiniň eýesi Maks Eýwedigini bilýäňizmi? Bardy-geldi şu adam ulagyny Moskwada, hatda Gyzyl meýdanda saklanlygynda-da, oňa hiç kim jerime salmazdy! Ýol gözegçisi muňa aljyrady-da, bizi hormat bilen öz ugrumyza goýberdi».

Bu wakanyň çöwre tarapy-da bar. Şundan birnäçe wagt geçenden soň, men öz ýurdumyzyň adyndan FIDE-de (Halkara küşt guramasy) wekil edilip bellenildim. Şol döwürde Eýwe FIDE-niň prezidentidi. Şeýle bolansoň, onuň bilen yzygiderli duşuşyp durýardym.

Günlerde bir günem ondan şol ulagly waka barada soradym. Ol, ine, şeýle gürrüň berdi:

— Howa menzilinde ulagymy gadagan edilen ýerinde sakladym. Gözegçi maňa jerime salarman boldy. Gapjygymy çykaryp ugrandyrynam welin, birdenkä

ulagyň içinden Kotow çykdy hem-de çalgyrt iňlis dilinde, onam nemes sözleri bilen garyşdyryp, ellerinem çalasyn-çalasyn hereket edişdirip, nämedir bir zatlary aýtmaga durdy. Elbetde, gözegçi Kotowyň ýeke sözüne-de düşünmedi. Öz ýanyndanam: «Bu däli dagy bolaýmasyn?» diýendir-dä, onuň bilen jedelleşmek islemän, ýanymyzdan gidiberdi.

## Fişeriň hokgalary

1972-nji ýylda Islandiýanyň paýtagty Reýkýawikde küşt täjini almak ugrunda Robert Fişer bilen Boris Spasskiniň arasynda ýaryş geçirildi. Dogrusy, bu duşuşyk zordan başa bardy.

Ynjyk Fişer şert yzyna şert goýýardy. Fişeriň göwnüni tapmak üçin ýaryşy dokuz gün gijikdirdiler. Ol küşt oýny geçjek jaýyň howasyny peseltmegi, tomaşaçylary sahnadan yzrak süýşürmegi, kürsüsini, küşt oýny görkezilýän tagtany çalyşmagy, baýragyň bahasyny 250 müň dollara çenli artdyrmagy, telewizion kameralary aýyrmagy talap etdi. Oýnuň bökdelmezligi üçin onuň bilen eglişige gidildi.

Ýöne oýun mahaly-da onuň hokgalary gutarmady. Birinji döwi gowşak oýnap, deň ýagdaýdaky oýnuny utdurdy. Ikinji döwe asla gelmedem. Şunlukda, hasap 0:2 boldy.

Başky alty döwde (üçünjiden öňňesinde) ol her sapar bäş dakyka gijä galyp gelmäni nysak edindi. Şonda Boris Spasskem ondan kem galmady, ol ýedinji döwde bäş minut gijä galyp geldi. Fişer muňa darygyp ugrady. Ýöne bu oňa pent boldy. Gijä galmasyny goýdy.

Şu duşuşykda Fişer 12,5 — 8,5 hasabynda ýeňiş gazanyp, dünýäniň on birinji çempiony boldy.

## Ýekeje talabynyň bitmäni üçin

1975-nji ýylda Anatoliý Karpow garşydaşlarynyň ählisini ýeňip, küşt täjini almak üçin Robert Fişer bilen duşuşmaga hukuk gazandy. Fişer ýene-de gülkünç-gülkünç talaplary öňe sürdi. Onuň 179 talabynyň 178-si kanagatlandyryldy. Fişeri oýnamaga yrmak üçin edilen şeýle eglişikleriň ýönekeýje biriniň ýerine ýetirilmäni üçin ol Anatoliý Karpow bilen duşuşmakdan ýüz öwürdi. Ony dünýä çempionlygyndan mahrum etdiler. Ýöne Fişeri ýekme-ýek ýaryşda ýeňip, onuň elinden hiç kim küşt täjini alyp bilmedi. Çünki Fişer gaýdyp munuň ýaly ýaryşlara gatnaşmady.

**Terjime eden**
**Çary GELDIMYRADOW**